# Söýgüli!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Söýgüli! SÖÝGÜLI!

Eý, Söýgüli,
Iñ Söýülen
Söýgüli!
Meniñ dünýa sürgünimi uzaltma
Habar barmy diýaryñda guşlardan.
Bir Ýar bardyr – Yşk jellady kär etmez,
Bahar bardyr – belentdir mazarlardan,
Bardan, ýokdan añyrda Biri Bar bardyr
Günäm ýokdur:
Bir bakyşdyr meni ýakyp ýandyran
Kysmat diýme:
Ýazgyt bardyr täleý içre ýazylan,
– Eserler bar şol mukama düzülen.
Näme etseler-de başa barmaz hiç,
Üýtgewsiz hököm bar,
Asmandan gelen.
Gijäni gündizi aýlan elinde-
– Ussat bardyr çyzgysy berk çyzylan.
Ot alyban yanan bolsam eger-de
Gala bardyr külümden binýat bolan.
Syrlaryñ syryna gowşuryp biljek –
Bagty açyp biljek açar bar Sende.
Ýeñiş bardyr – ýeñle-ýeñle beýgelen.
Sürgünini  ýene yza çagyran
Kükregiñde bir damar bar.
Üzülmezdir meniñ umydym Senden
Kalbyñda Çynar bar
Merhemet atly,
Eý Söýgüli
iñ Söýülen
Söýgüli. !

* * *

Meniñ dünýa sürgünimi uzaltma
Ne habardyr diýaryñda guşlardan.
Bir Ýar bardyr – Yşk jellady kär etmez,
Bahar bardyr – belentdir mazarlardan,
Biribardyr ýoklukdan bar eýläni,
Eý, Söýgüli,
Iñ Söýülen
Söýgüli!
Günäm ýokdur
Bir bakyşdyr meni ýakyp ýandyran,
Kysmat diýme
Ýazgyt bardyr täleý içre ýazylan,
Eserler bar şol mukama düzülen.
Näme etseler-de başa barmaz hiç,
Üýtgewsiz höküm bar,
Asmandan gelen.
Gijäni gündizi aýlan elinde-
– Ussat bardyr çyzgysy berk çyzylan.
Ot alyban yanan bolsam eger-de
Gala bardyr külümden binýat bolan.
Syrlaryñ syryna gowşuryp biljek –
Bagty açyp biljek açar bar Sende.
Ýeñiş bardyr – ýeñlişlerde beýgelen.
Sürgünini dözmän yza çagyran
Kükregiñde gaýnap duran damar bar.
Üzülmezdir meniñ umydym Senden
Kalbyñda Çynar bar, Merhemet atly,
Eý Söýülen,
iñ Söýülen –
Söýgüli!

Sezai KARAKOÇ.

Terjime eden: Kalba NUR. Goşgular